# Bahasyny tölediñ / intermediýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bahasyny tölediñ / intermediýa BAHASYNY TÖLEDIÑ

– Başlyk, ogry tutdum.
– Nädip tutduñ?
– Ýakasyndan towlap tutdum.
– Nirede?
– Etdilem KPP-den geçip barýarka.
– Näme ogurlapdyr?
– Näme ogurlar öýdýäñ? Fabrigimiziñ çykarýan köwşünden birini çilipdir.
– Be-e, maladis! Hany, sen dogryñy aýt, fabrigimiziñ çykarýan köwşi göwnüñden turýamy?..
– Juk.
– «Juk» bolsa näme üçin ogurladyñ? Hä, jogap ber?
– Ogurlan harydymyñ doly bahasyny töletdiriñ muña.
– Be-e, men geçmeýän zadyñyzy başyma ýapaýynmy?! Öz bahasyna aljak bolsam magazinlerde-de baslygyp ýatyr. Mäñ, köwşüñizi yzyma alaýyñ – diýip, ogry köwşi başlygyñ öñüne oklady.

Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar